# Kyýamat-magşara çenli -11/ romanyñ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Romanlar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kyýamat-magşara çenli -11/ romanyñ dowamy 6.

…Gün öýlä ýagşy sansa-da, howanyň jöwheri kütelişiberenokdy. Yssy essiňi alyp barýardy. Tomsuň düşeni ýagşy bildirýärdi. Süleýmanyň gözi ýoldady. Onuň öýüne barmanyna indi bir hepde bolup barýardy. Ol şujagaz amatlyja otagyna ýagşy öwrenişipdi. Garawulçylyk bilenem öwrenişipdi.
Ol gün geçdigiçe öz maksadyna ýetendigine düşündi. Bu ýerde adama ýamanlyk etmeli däldi. Adamyň göwnüne degmeli däldi. Ulynyň öňünde kiçelip, öz ogluň deňine «agam jan» diýip ýaýaplamaly däldi. Rahat işläp ýörmelidi.
Süleýman bu ýerde işlän bir hepdesiniň içinde Taňrynyň niýet edip döreden adamyna meňzedi. Rahat ýatdy, turdy. Gidesi gelen ýerine gitdi, geldi. Islän çagy çaý-çörek iýdi. Iň esasam, ol geçeni, geljegi seljerdi. Ötenleri barada oýlandy, şükür etdi, geljegi barada oturdy, pikir etdi. Indi onuň köňlünde garma-gürme zat ýokdy. Bary öz ýerindedi. Käbä gidip-gelýänçä eden işleriniň, kylan kylmyşlarynyň niresiniň urganynyň üzük-ýolukdygyny, niresine çigin düşendigini, niresiniň towunyň bardygyny bilipjik durdy. Käbeden bäri geçen günler bolsa dup durudy, arassady. Ol öýünem, oglunam, Dürdänäni, Senemi, Ogulnyýazam ýekeje pursatam undanokdy. Ejesiniň Käbede aýdanlaryny doga edip, kalbynyň töründe göterip ýördi.
Onuň ýekeje aladasy aýaly – ogly – Dürdänedi. Ol indi öýüne baryp bilmejegine düşündi. Gün geçdigiçe ol öý onuň köňlünde sowap barýardy. Öz eljagazy bilen ýakanja ojagynyň alawy öçüpdi. Közler bolsa külüň içinde eräp gidip otyrdy.
Aýalynyň «Meniň başga ärim bar», «Men indi hapa», «Seniň düşegiňe girip biljek däl» diýmegi onuň ähli tamasyny üzen eken. Erkek hapa bolup biler, çünki ol «erkek eşek» diýenleri. Ol namys sandygy däl. Emma aýalyňky başga, ol päk bolmaly. Ol

namys bukjasy. Oňa ýokan çirki aýryp bolmaýar. Bu bir. Ikinjidenem, ol özüni islemeýän aýalyň öňünde ýaýaplamak islemedi. Hakyna seredeniňde, Solmaz onuň öňünde ýaýaplamaly ýalydy. Onuň nikaly, kanuny aýalydy. Hapalanan, «är», «oýnaş» tapynan, ärine, öýüne biwepalyk eden oldy. Ýöne, Solmaz öňki Solmaz däldi. Ol tekepbirlenipdi. Ol özüni ärden ýokary saýýardy. Onda ahyrzamana golaýlan döwründäki aýallaryň gylygy ýaly bir gylyk döräpdi. Ol «ata çykyp», «arslana» öwrülip barýardy. Tersine Süleýman nalajedeýin, naçar sypata giripdi. Ol beýdip uzak ýaşap biljek däldi. Beýdip ýaşanyňdan ýaşamanyň gowy diýipdi.

Onuň oglundan ýüreginiň döwleni öňräkdi. Özüne el gaýtaran ogluň günäsini geçse-de, «aý, çagadyr», «oglandyr» diýse-de, ýüregi diliniň raýyna gidip bilenokdy. Onuň dili «oglum, oglum» diýse-de, ýüregi «Ol indi seniň ogluň däl. Saňa el gaýtarandanam bir ogul bolarmy?» diýip durdy. Ös diýenokdy. Öňler Süleýman ol owazy eşitmese-de, duýýardy. Indi welin, ol owaz çirksiz, bassyr-ýussursyz ýaňlanyp durdy, ýaňlanyp durdy.

Oglunyň Dürdänäni harlamagy, özüne «Meniň işime gatyşma» diýmegi onuň ogla bolan soňkuja umydynam üzen eken. Ol oňa şu ýedi günüň içinde düşünip galdy. Atasyna «Seniň işiň bolmasyn, bar aňyrda gez!» diýip bilýän, sähel zat üçin onuň üstüne çöwjäp, sähel zat üçin el gaýtarjak bolup dursa, ondanam ogul bolarmy?! Ondan itiň güjügem ýagşy ahyryn… Ol beýle oguldanam, aýaldanam indi, ene süýdünden halal, geçipdi.

Ýöne öňde bir zat bardy. Solmazam, Dädişem pälindenem, ýolundanam gaýtarjak bolmalydy. Bile ýaşalan ýyllaryň hatyrasyna, «gelnim, janym», «balam, köşegim» diýlen ýyllaryň hatyrasyna, bile nikasyny göterýäni üçin Solmazy, kakasynys adyny göterýäni üçin Dädişi bu betlagam pälinden, salgyma çapyp barýan ýolundan gaýtarmalydy.

Süleýman onuň üçin näme etmeli bolsa-da taýýardy. Onuň öz planjagazam bardy. Ol Prezident saýlawlarynyň sowlup, olaryň paltalarynyň daşa degerine garaşýardy. Şonda onuň Solmaza-da, Dädişe-de aýtjak sözi bardy. Ýogsa, häzir olara söz diý, akyl ber, barysy «eşege kyrk ýasyn okan ýaly» boljakdy.

Onuň bagryna köz bolup basylýan apat Dürdänedi. Ol bu ýagdaýy

niresine goýsa, şol ýeri daglanyp barýardy. Gorkýan ýerem, ýok, soňky günlerde gaty gorkýan ýerem bu päk, jennetiň ak guşy ýalyjak çaganyň özüne bir zat edäýmegi mümkin diýen pikirdi.
Häzir häsiýeti, bedeni bekemedik çaga özüne urlan bu agyr ýükleri, durmuş atly gazaply aždarhanyň alnyndan sag-aman geçirip biljekmi ýa-da özüni şol aždarhanyň doýmadym gark girdabyna atyp gidiberjekmi, ine, şol näbellidi.
Durmuşda şeýle bir pursatlar bolýar ahyryn: namys belasyndan, geljegiň agyr, hasratly çalpawlaryndan ölüm asan görünýär. Ol ýollar kyn, daş, surnukdyryjy, ölüm bolsa ýanyňda görünýär. Şol kyn ýollaryň azaryndan ölümiň azary ýeňiljek bolup görünýär.
Şeýtanam: «Baý-buw, namysa, gybata galyp, beýdip ýaşanyňdan, ölüp dynanyň müň paý dälmi?» diýip, eline bir bölek ýüpi ýa-da nebitli tüňňüri tutduryp beriberýär gyjydy, meçewi.
Süleýman şundan gorkýardy, özem gaty gorkýardy.
Ýöne näme-de bolsa, Dürdänäniň akyllylygyna, mertligine, azajygam bolsa bil baglaýardy.
Ol gyzyň özüne garaşýandygynam duýup durdy. Onuň iň soňky umydynyňam özüdigine-de düşünýärdi. Dürdänäniň Süleýman kakasy Dädiş bilen jedelleşýändir, ony yrjak bolup söweşler alyp barýandyr, basym «ýeniş» bolar diýip garaşýanyny ol bilýärdi. Häzir Dürdänäniň ýanyna baryp bilmejeginem ol gowy bilýärdi.
«Senemi ibermeli!» Ol indi üç gün bäri şu möhüm pikire gelipdi.
«Senem dilli. Delili güýçli. Onsoňam, aýal aýal maşgala bilen gowy dil tapyşar. Düşündirer, köşeşdirer.»
Ol Seneme ýagdaýy bolşy-bolşy ýaly gürrüň bermeli boljakdy. Ondan Dürdänäni köşeşdirmegi haýyş etmeli boljakdy. Senem onuň diýenini ederem, ony köşeşdirerem.
Ýöne, Senemem işe çykar ýerde çykmady. Diňe düýn ol tam süpürýän gelinden ýene haýyş edip, Senemi telefona çagyrtdy. «Sagat bäşden soň şu telefona jaň etsin» diýdirdi.
Senem jaň etdi. Onuň ýüregi larkyldap ýarylara gelipdir-ä.
«Senem, ýuwaş, meniň bilen gürleşeňok, düşünýäňmi?» diýip, oňa Senemiň özüni köşeşdirmek iş bolupdy. Bolýan ýerini aýtdy.

Işden soňam aýlanmagy haýyş etdi.
Häzirem onuň iki gözi ýoldady. Senem gelerçe wagt bolupdy. Ýöne olam geliberenokdy.
Ministrligiň işgärleri topar-topar bolup öýlerine gaýdyp barýardylar. Süleýmanyň ýüregem ynjylyja tirsildedi. Häzir onuňam şolara goşulyp, öýüne, ojagyna gaýdyberesi geldi.
Adam haýran galmaly täsin ýaradylypdyr. Sen näçe akylly bolsaňam, düşünseňem, ýene iliň eňen tarapyny ýüregiň küýsäp durýan eken. Onuňam häzir şu adamlara goşulyp, öýüne, yssyja ojagyna gaýdasy geldi. Ol başyny ýaýkap, hyrçyny dişledi.
«Wah, hany, öý barmy, ojak barmy diýsene, barar ýaly?!»
Süleýman Senemi gördi. Ol ýoluň gündogar ýüzünde suwa inen sarç jeren ýaly, töweregine garanjaklap dur. Ol misli parlak baýdak ýaly bolup, çalaja tisginjiräp dur. Onuň uzyn elwan köýnegi, ýakasyndaky gülýakasy, başyndaky täzeje ýaglygy, köýneginiň teýinden aýaklary bilen köwşüniň arasynda jäheklenip duran geýimi, bary ony şeýle bir gözel görkezýärdi welin, köçeden geçip barýanlaryň ählisiniň gözi şonda galýardy.
Senem ak ýüzüne kösük barmaklaryny kölegeledip, «Ol haýsy jaýdaka?» diýýän ýaly, keýerjekläp durdy. Süleýman onuň garşysyndan ylgady.
– Bäri! – Ol girelgeden çykman, oňa elini bulady. Senem gördi. Olam, misli bir böwetden badyny tijän sil ýaly, düňderlip gaýtdy. Süleýmanyň yzyna düşüp, onuň otagyna girdi. Otagda özlerinden özge hiç kimiň ýokdugyny bilibem Süleýmanyň boýnundan garsa gujaklady.
– Mähribanym!..
Hiçisi geplemedi. Ýöne ýürekler welin, Pariž buthanalarynyň jaňynyň sesi ýaly, täsin düňňürdeşip, tutuş şäheri oýaraýyn diýýärdi.
Süleýman birneme köşeşensoň, Senemi täzeden bagryna basdy.
– Waý-eý, durawer-i! – diýip, Senem ony itip goýberdi. Süleýmanyň bar keýpi uçdy.
– Näm boldy?! – diýip, ol gorkuly garady. Senem sag eliniň aýasy bilen göbeginiň aşak ýüzlerini tutup durşuna:
– Bu ýerde kiçijik Süleýmanjyk ýatyr-a – diýdi. Süleýman

düşünmedi.
— Näme? Näme diýdiň?
— Waý-eý, hajy aga, bolaýşyňy. Lotereýim «Wolga» düşd-ä.
Süleýman tok uran ýaly boldy. Onuň kellesine şo-ol gürrüňler, şo-ol süýji duşuşyk geldi.
— Aý, goý-a!
— Hawa! — Senem bagtyýardy. Ol öňküsinden müň esse owadandy, akjady, öňem bir bakanda janyňy alyp barýan garaluw gözleri, nur parladyp, balkyldap durdy.
— Gyz bolsa adyna näme goýaýyn?
Süleýman özüni ýitirdi-de, ters aýlandy.
— Gyz bolsa! Gyz bolsamy, ejemiň adyny, neme, Bossan, Bossan ýok, ýok, Enejan goý. — Süleýman begenjine ýöne ýylgyryp durdy.
— Ogul bols-da, Myrat goý. Myradyna ýetdiň.
Senem başyny ýaýkady
— Goýaweri. Ady taýýar.
— Näme?
— Süleýman bolar-da.
Süleýman gorkdy.
— Ýoo-o! Ýok! Men, men… Meniň bu dünýäde garabagt bolanym azmy? Ol bolma-az.
— Seniň ýaly bolsa bolar. — Senem oturdy-da, garşysynda elenip duran adamyň ähli begenjini başyna çekip ýylgyrdy. — Haý, gaçak. Näme, Mekgä gideniň aýdanyňda, Senem begenjine öläýer öýtdüňmi? Geleniňde, baraýanyňda kowularyn öýtdüňmi? Işdenem-ä, uly ili gyrgyna berip gaçyp gaýdypsyň.
— O nähili gyrgyn?! Men, men…
Senem «otur, otur» diýýän görnüşinde elini näzlije bulady.
— Edara ýashana ýaly. Aýallar aglaşyp otyr. Welaýatdan günde ýetmiş gezek tilpun edýäler. Prezident apparatyndan günde ýüz gezek tilpun edýärler.
— Prezident apparatyndan?!
— Hawa, ahyry şu gün uzyn boýly, maňlaýy düşen, dişleriniň arasam açyk, gelşikli oglanyň özi gelip gitdi. Garajanym galmady. Näme bolduka diýip. Durup bilmän, maşyna münjek bolanda ýanyna bardym. «Dogan, näme hekaýat gopdy? Näme

boldy?» diýdim. «Bolan zat ýok, men – diýdi. – Prezident apparatynyň bölüm müdiri – diýdi. Durdyýewi bölüme işe aljak bolýas – diýdi. – Şonuň dokumentlerini almaga geldim» diýdi. «Özi niredekä?» diýdim. «Aý tapylar-la» diýdi. Irina Georgiýewna pahyram aglap otyr. Welaýatdan jaň edenlerinde «bar, geler» diýip, üç günläp aldapdyr olary. Olaram geläýipdir. Görseler o pahyr aldap ýörenmiş-ä. «Özi haýyş etdi» diýip. Üstüne gygyrypdyrlarmy? «Seniň ony boşatmaga hakyň ýok» diýip, düşündiriş alypdyrlarmy? Aý, öz-ä goh-galmagal. Boldy, boldy Ýazaw görgülä boldy!
– Hä?! O näme?
– Waý-eý, bileje, gardaş ýaly bolup işläp, birdenem ýom-ýok bolarsyň-da, oňa ýeňil bolarmy? Görgülini bir öýüňe çapdyrýarlar, bir wokzala, bir aeroporta, «tap» diýip. Olam boýnuny sallapjyk gelýär.
– Indi nähili bolarka? Niredekä? – diýip» aglaýjak bolýar, bende.
Süleýman Ýazawdan razy boldy. «Ol sözünde tapylypdyr. Sag bol, gardaşym!» diýdi.
Senem özüni çala dürsedi-de, ýene-de içi-içine sygman gürläp başlady.
– Aý, oglan, dogrudanam, sen işiňden, öýüňden gaçyp nirä geldiň? Bu näme jaý, näm iş? Heý, beýle-de zat bolarmy?
Süleýman çaý demledi. Käse, kemput aldy. Seneme bir käse çaý uzatdy.
– Gerek, mähriban, gerek. Sen howlukma. Men baryny aýdaýyn.
…Ol howlukman derdini döküp başlady. Öýüniň, maşgalasynyň ýagdaýyny aýtdy. Öňki eden aýylganç işlerini, Käbede bolan ýagdaýlary, ony welaýat häkimligine işe aljak boluşlaryny, bu işe gitmezligini, işden çykmagynyň sebäbini ýaşyrman gürrüň berdi.
– Ine, mähriban, meniň ýagdaýym.
– Wah-heý! – Semeniň ýüzi saralyp gitdi. – Çynar ýaly bolup ýörseň, senden bagtly adam bardyram öýtmezdim. Senem içinden köwlen diýsen-e.
Süleýman gussaly sözledi.
– Onda-da ne köwülmek, Senem. Men bu zatlary saňa häzirki

ýagdaýyňda gürrüň berip, gynandyrmaly dälem welin, ýöne Süleýmanjyk Süleýmanyň derdindenem bihabar bolmasyn diýdim. Bir wagt, ýigit çykanynda aglap, zarlap, gürrüň berýän adamy düýşünde görse, «Kimkä?» diýip ýörmesin…
Senem bozuldy. Ol owadan, akja aýasyny Süleýmanyň eliniň üstünde goýdy.
– Bu iş näme iş, janym?
– Garawulçylyk. Bu ýerem garawulhana.
– Şeýdip oturmalymy?
– Hawa!
Senem başyny aladaly ýaýkady.
– Indi şeýdip, bütin ömrüňe iki eliňi gowşuryp oturmalymy?
Süleýmanyň gorkýan sowaly onuň depesinden şaglap gaýtdy. Ol geçen ýedi günde güýmenjesizlikden heläk bolupdy. Ol galan ömründe nädip iki elini gowşuryp oturyp biler? Işsizlik ony iýmezmi, poslatmazmy? Ol töweregine delminip garady
Birdenem Magtymgulynyň diwanyň o çetinde ýatan kitabyna gözi düşdi.
– Ýok, iş bar. – Ol kitaby eline aldy. – Ine» Magtymgulynyň goşgulary. Men dünýäniň bäş sany uly dilini bilýän: arap, pars, fransuz, iňlis, rus, ine, şu goşgulary şu bäş dile sözme-söz terjime etmekçi…
– Tüweleme, tüweleme! Ol-a gowy zat!..
Senem ynandy. Bu pikiriň kellesine gelşine Süleýmanyň özem haýran galdy. Ol soňky günlerde Magtymgulynyň «Goşgular» kitabyny elinden goýanokdy. Ol goşgular özüne şeýle bir ýakyndy, asyl şahyr mundan iki ýüz ýyl öň ölmän, häzir Süleýmanyň derdini paýlaşyp oturan ýalydy. Dünýäniň ýüzünde häzir oňa düşünýän bir Magtymgulydy. Magtymgulydan özge adama derdini diýse, üstünden gülünjek ýalydy.
Süleýman arap, pars, ýewropa, rus poeziýasyndan habarlydy. Ýöne ol türkmenleriň beýle beýik, hiç bir el, dil ýetmejek poeziýasynyň bardygyna akyl ýetiribem biljek däldi. Onuň başyna düşen çykgynsyz külpetler, oňa Magtymgulynyň poeziýa äleminiň işigini açyp beripdi. Ýok, Magtymgulynyň özi halyna dözmän onuň huzuryna gelindi.
Süleýmany geň galdyrýan ýeri, Magtymgulyny türkmenden özge hiç

kim bilenok. Ol «Dünýäde bilinmän galjak akyldar bolmaz» diýse-de, Magtymgulyny dünýä bilenokdy. Ýöne bütin adamzat Magtymgula barýardy. Magtymgulynyň poeziýasynda ol ynsabyň çyrpynyp ýatan ummanyny gördi. Adamzat irde-giçde suwsap-suwsap, şol ummana eňek basmaga gelmelidi. Olar gelýärdilerem. Magtymguly bolsa, ine, şolaryň alnynda dur.

Ýöne Magtymgulyny türkmençe ýaňlandyryp, onuň owazy, pähimi bilen dünýäni gandyryp bolasy ýok. Dünýäde näçe halk, halkyýet, näçe zyban bolsa, Magtymguly şonça dürli gürlemel-ä. Emma ony häzir türkmenden özge diňläp bilýän ýog-a.

Medinede Gurban ahunyň aýdan sözleri ýene-de onuň aňynda ýaňlandy: «Kuran» ýok ýerinde Magtymgulyny okaberiň!» Ol soň ýene bir zat diýipdi: «Magtymguly işanyň şygyrlaryny dünýä bilmelidir. Ol türkmeniň namysy-ary, ol türkmeniň mertebesidir. Ol haýsy ýurda, haýsy öýe barsa, şol ýurda, şol öýe türkmen baran ýaly bolar…»

Arada Süleýman telewizorda bir gepleşige tomaşa edipdi. Şonda Azmun diýen bir adamyň Magtymgulynyň goşgularyny iňlis diline terjime edýändigi barada gürrüň gidýärdi. Süleýmanyň şol adama gözi gidipdi. Ol bäş dili bilýär-ä, bäş dili! Iňlis dili dagy Süleýman üçin suw içen ýal-a. Özem onuň Angliýada, ABŞ-da nähili gowy tanyşlary bar. Arap dili näme? Pars dili, fransuz dili näme?

Ol ýaňy özüni Prezident apparatyna işe aljak bolup gözleýändiklerini eşitdi. Idelýänine begenmänem durmady. Ýöne ol ýerde islendik sowatly adam işläp biljekdi. Emma Magtymgulyny bäş dile islendik sowatly adam sözme-söz terjime edip biljek däldi.

Ol şu pikiri ýyldyrym çaltlygynda başyndan geçirdi-de, hakykatdan hem ömrüniň boýuna «Magtymgulynyň, goşgularyny bäş dile sözme-söz terjime etsemdim» diýip arzuw edip, indem diňe şol sebäpli işini taşlap, garawulçylyga geçen ýaly gürledi.

— Sen bibliograf-a, bilýänsin-ä! Omar Haýýamyň goşgularyny nädip çykardylar?! Her sahypada täjik, rus, özbek dilindäki bent. Ýöne men ilki her dilde aýry kitap edip çykardaryn. Terjimäni tizräk ýetişdirsem, ähli ýerde dostlam bar. Hat ýazaryn. Maňa kän gerek däl. Ilki her dilde müň kitap çykaryp

berseler bolýar. Men bir başlaýyn, şeýle dälmi?
Senem onuň terjime eden kitaplary eýýäm dürli dillerde çykyp barýan ýaly, begençli gutlady.
– Gutly bolsun, ýagşy niýetiň-ä bar eken.
Süleýman Senemiň turmak hyýalyna münendigini aňdy.
– Senem! – diýip, ol oýurganyp aýtdy.
– Hawa!
– Meniň sana bir juda uly haýyşym bardy. – Senem jaýlaşykly oturdy.
– Başym üstüne. Şu wagt-a däl, ýene ýedi-sekiz aýdan janym gerek diýseňem bereýin.
Süleýman güldi.
– Ýok, indi seniň öz Süleýmanyň bar. Janyňy aýa, mähriban.
– Hawa, Süleýman ona nähili aýtjagyny bilmedi. Ahyram «Tala çykyp talhan iýen ýaly dökän-saçan edip Düdäneli wakany gürrüň berdi.
– Boljak iş boldy. Indi ol gyz gara günde, düşünýäňmi? Sen meniň dowamymy götersen, ol oglumyň dowamyny göterip ýör, düşündiňmi?
– Hawa! – Senem gyssandy – Men näme etmeli?
Süleýman uýalyp, ýere giräýjek boldy.
– Şol gyz garaşýar, maňa garaşýar. Oglum bilen gepleşip, «Basym toý ederis» diýip gelerime garaşýar, düşündiňmi? Men ona söz berdim: «Oglumy yraryn, ýanyňa gelerin» diýip. Indem, ol oglanam meniň bilen gepleşmegem islänok. Düşündiňmi?
– Ýok, men ona düşündim. Men näme etmeli?
– Sen, Senem! – Ol sakanaklady, aljyrady. – Şonuň ýanyna bar.
– Ol Seneme Dürdänäniň bolýan ýerini aýtdy. – Sen akylly aýal, adamy köşeşdirip bilýäň. Ýaş gyzdyr, köşeşdir, meniň gorkýan zadym, ol özüne bir zat edermikä diýýän. Azajyk sabyr etsin, hemme zat düzeler. Asylam, sen bir ýerlerde Dürdänäniň bardygyny ýadyndan çykarma.
– Bor. – Senem razy boldy. – Gijä goýmaryn. Ertiriň özünde bararynam, gelşinim ýanyňa sowlarynam. Indi men turaýyn…
– Dur! – Süleýman jübüleriniň birinden Käbeden getiren sowgadyny çykardy.
– Me, nesip etsin!

Senem güldi.
– Taňryýalkasyn. Gyzyň bolsa Enejanyňa, ogluň bolsa Süleýman janyň gelnine…
Süleýman çekinjeňlik bilen bu gelniň ýüzüne garady.
– Gurban näme diýdi?
Senemem erbet utandy.
– Gaýta begenýär.
– Gahary gelenok dälmi?
Senem başyny ýaýkady.
– Öňden özi «Moskwa gideli» diýip ýördi. Menem görsem, bir üýtgeşiklik bar. Onsoň Gurban bilen gürleşdim. Soň bir ginekolog joram bardy. Ony araçy edindim. Olam bela ýaly-da.
– Işiňiz bolmasyn, şu işi men düzedeýin, Gurban, ýöne Semeniň günä-sogabyny özüne ber – diýdi. Gurban pahyram: «Wah, men çagalar öýünden alynsa toý berjek» diýdi. Indem, ol geldi. Iki eli meniň agzym.
– «Öýde bol, özüne seret!» diýip, işe-de iberenok. Menem görmän-görmän gören, günde wraça gidip, doktorlaryň ýüregine düşýän. Basym keselhana girip, wraçlaryň gözegçiliginde bolaýsamam diýýän. Çagam bolsa bolýar. Işem, beýlekisem şol!
– Bolubilýär, mähriban. – Ol ellerini owkalady. – Sen-ä meni gaty begendirdiň.
– Entek näme görýäň?!
Senem ýerinden turdy.
– Men gideýin. Gurbanyň gözi ýoldadyr. Wah irrägem gaýtjakdym-la, hol ilerki meýdança «Jebislik» diýdimi, gör-gabyr diýdimi, bir topar işsiz üýşüp, agyzlaryna gelenini otaryp otyr.
– «Jebislik» üýşüp?! – Süleýmanyň süňňi titredi.
– Hawa-la, gyz, aralarynda bir gara lopbuş heleýem bar, toba-toba, gara sygyr ýaly bolup: «Halk aýaga galmaly!» diýip bir bögürýär, içgilimi nämemi? Samsyk heleý, şükür et-de gez-de ýör-dä, halk bilen näme işiň bar?!
Süleýman Seneme näme diýeninem, ony nähili ugradanynam bilmedi. Jaýyny gulplady-da, şol diýilýän meýdança bakan eňdi.
«Eý, Hudaýym, Semeniň diýýäni Solmazdyr. Ol essinde däld-ä öňem. Şoldur, şoldur. Eý, Hudaýym…»
Ol näme diýýäninem bilmän samraýardy.

«Ol ogluny heläklär. Öz-ä owarram. Halk bir ýigrenmesin, halk ony bir pislese, ol oglana gönenme ýokdur.»
Ol ylgaýardy. Göýä, häzir şol meýdança barsa, «ähli zat düzelip, ýygnananlar ýumşaklyk bilen şäheriň içinde eräp gidiberjek ýalydy.
– Wah, halk bilen, Prezident bilen näme işi bar diýsen-e onuň?! Sen dogry aýdýaň, Senem. Halky aýaga galdyryp, gan akdyryp, näme, gan algyň barmy?! Ýöne, halkam akmak däldir, onda-da türkmen halky! Gör bakaly, halk Kerguly ýalagyň, …………… na-da düşmez. Ol-a aýaga galmak, …………… ýöne, sen öz kimdigiňi görkezersiň ……………
Süleýman aýalynyň soňky döwür …………… digini bilse-de, onuň ruhuny bilenokdy. Solmaz Kerguly daga sataşyp, öz pikirdeşini tapypdy. Onuňam, edil beýlekiler ýaly, durmuşdan öz kinejikleri bardy. Solmazyňam öz kinesi, öýkesi şolar bilen gabat gelýärdi Ol:
– Näme, men şu ministr bolup ýören aýallardan kemmi? – diýýärli. Onuň Süleýmana, kimdir birine baglylyga bolan kinejikleri döwlet ýolbaşçylaryna garşy öjükdirilipdi.
Bir sapar öýde Solmaz: «Studentleriň ýaşaýyş jaýynda gaz ýok, Prezident nirä seredýär?», «Ýasli baglarda çagalara türkmen dili öwredilenok, Prezident nirä seredýär?» diýipdi. Süleýmanyň aýalyna gülküsi tutupdy. «Bu ýerde Prezidentiň näme günäsi bar?» diýipdi.
– Seretsin. Nirä seredýän eken?
– Umumy ýaşaýyş jaýynyň komendanty barka, okuw jaýynyň hojalyk işleri boýunça prorektory, daşa gitse, rektory barka, indi ol işi Prezident düzetmeli däl-ä. Ýa-da çagalar bagynda türkmen dilini öwretdirjek bolsa çagalar bagynyň direktory, raýon bölümi, galyberse-de, özüň jogapkärkäň, senden ýokarda, uly-uly aýlyk alyp ýören jogapkär adamlar barka, bu ýerde Prezidenti näme üçin günäleýäň? Sen özüňi günäle, alýan hakyňy haramlap alýanyň üçin!..
Solmazyň tas jany çykypdy.
– Syrtyňa depip işden kowdy, şonda-da Prezidentiň arkasyny alýaňmy, binamys?! – diýipdi.
– Meni Prezident kowanok işden – diýip, Süleýmanam ondan kem

galmady. – Meni özümiň sizi eklejek bolup, ile-güne eden ýamanlygym kowdy – diýdi.
Solmaz gün-günden möwjeýärdi. Ol indi özüni halkyň öňbaşçylarynyň biri hökmünde görýärdi. Onuň paltasy bir ýerde daşa degip, puşman edäýmese, ony saklamak mümkin däldi.
Ogly welin başgaçady. Ol edil, garaňkyda ösen kör alaka ýalydy, Ol körje dünýäsinden özge ýagty …………… kdy. Onuň dünýäsem, Kergulynyň …………… sözüdi. «Bizem Moskwadaky ýaly, …………… aý etmeli!» diýýärdi. Özüni de …………… ysy hasap edýärdi.
…………… şu gün meçew alaýsalar, bular soň zatdan gaýtmazlar. Ine, birki günden Prezident saýlawy. Bular şony nazara alýandyrlar. Halkyň pikirine bulagaýlyk saljak bolýandyrlar.»
– Süleýman Durdyýewiç! Süleýman Durdyýewiç!
Süleýman kimdir biriniň özüne gygyrýanyny eşitdi-de, sakga durdy. Soň töweregine garady. Edil gapdaljygynda Knut aýaly bilen ýylgyryp durdy. Elinde-de ullakan tory bardy.
Süleýman gorkdy. Edil ýylan okan serçejik ýaly ol adama bakan usul bilen ýöräp ugrady.
Knut bolsa bagtyýardy. Ol şo-ol Knutdy.
– Ploşada barýaňmy? Molodes, biziň oglanlar, dawno nado by…
Süleýman Knutyň ýüzüne garady. «Hawa, şol şeýtan, garry şeýtan!» Ol Knut bilen aralyga iki ädim galanda birden tisgindi.
– Şeýtan! Garry şeýtan, haramzada! – diýdi-de, yzyna öwrülip aýagaldygyna gaçdy.
– Durdyýew, dur! – Knut gülýärdi. Heziller edip gülýärdi.
Süleýman ylgap barşyna şol gülkini eşidip, süňňi elenip gitdi.
– Haramzada, garry şeýtan! Romanlar